***Düýn, 4-nji iýunda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza — dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalynyň açylyş dabarasy boldy. Festiwala Eýran, Täjigistan, Özbegistan, Hindistan ýaly ýurtlardan 60-a golaý sungat wekilleri gatnaşýar.***

Medeni forum Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, Daşary işler ministrligi we Balkan welaýat häkimligi tarapyndan guralyp, açylyş dabara «Awaza» akwaparkynda geçirildi. Akwaparkyň sahnasynda bilelikdäki konsert boldy. Tomaşaçylar dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen tans toparlaryny mähirli garşy aldylar.

Halkara festiwalyň çäklerinde «Daýanç» sagaldyş we dynç-alyş merkeziniň mejlisler zalynda «Küştdepdi — parahatçylyk waspçysy» atly halkara maslahatyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены